**Iýmit siňdirişiň ähmiýeti.** Iýmit önümleri, iýmit siňdiriş synalaryna barýan ýokumly maddalar ilki bilen ownadylýar. Soňra iýmit ulgamynda siňdiriş biologik işjeň katalizatorlaryň täsir etmegi netijesinde, çylşyrymly organiki maddalar kem-kemden sada maddalara darga- ýarlar. Meselem, krahmalyň iri molekulalary üzüm gandyna – glýukoza, ýaglar gliserine we ýag kislotasyna, belogyň molekulalary bolsa aminokislotalara dargaýarlar. Beloklaryň, ýaglaryň we uglewodlaryň dargama önümlerden biziň bedenimizde diňe şolara mahsus bolan organiki birleşmeler emele gelýärler. Olar molekulalarynyň gurluşy boýunça iýmit bilen alnan maddalaryň molekulalaryndan tapawutlanýarlar. Iýmit siňdiriş synalarynda emele gelen dargama önümleri gana sorulýarlar.

**Iýmit siňdiriş synalarynda iýmit önümleriniň mehaniki taýdan işlenilmegine (ownadylmagyna), himiki taýdan bolsa dargadylmagyna, dargama önümleriniň hem gana sorulmagyna iýmit siňdiriş** diýilýär. Gana sorulan maddalar, onuň akymy bilen öýjüklere barýar. Öýjüklerde şol maddalardan bedene mahsus bolan organiki birleşmeler emele gelýärler. Ol birleşmeler özleriniň molekulalarynyň gurluşlary boýunça iýmit önümleri bilen alnan maddalardan tapawutlanýarlar.

**Iýmitlik maddalar we azyk önümleri**. Ähli janly- -jandarlar iýmitlenýärler, çünki şol alynýan iýmit önümleriniň hasabyna olar öz bedenlerini gurnaýarlar. Iýmit önümleri ýokumly maddalardan, ýagny beloklardan, ýaglardan, uglewodlardan, mineral duzlardan, witaminlerden we suwdan durýarlar. Şol maddalar beden tarapyndan özleşdirilýär. Olaryň netijesinde öýjükler gurulýarlar we köpelýärler. Bu bolsa bedeniň ösmegini we ulalmagyny üpjün edýär. Bedeniň ýaşaýyş işjeňlik hadysasynda harçlanan maddalaryň öwezi bolsa täzeden kabul edilen maddalaryň hasabyna doldurylýar. Şeýlelikde, iýmit bilen alnan ýokumly maddalar beden üçin gurnalyş serişdesi bolup hyzmat edýär. Bedenimiziň hemme öýjüklerinde organiki maddalaryň sintezlenmegi bilen bir wagtda olaryň dargamaklary we turşamaklary bolup geçýär. Olaryň düzümindäki energiýa bölünip çykýar. Ol energiýa hem bedeniň ýaşaýyş işjeňligi üçin ulanylýar. Bu hadysa iýmit maddalarynyň beden üçin güýç çeşmesi bolup hem hyzmat edýändigini görkezýär. Iýmitiň düzümindäki witaminleriň, mineral duzlaryň we suwuň hem ähmiýeti uludyr.Olar dürli himiki täsirleşmeler üçin şertleri döredýärler, köp täsirleşmelere olaryň özleri hem gatnaşýarlar. Mineral duzlar, witaminler we suw beden tarapyndan üýtgedilmedik görnüşde siňdirilýär. Iýmit önümlerindäki ýokumly maddalar dürli mukdarda bolýar. Şonuň üçin hem belokly, ýagly, uglewodly iýmitleri tapawutlandyrýarlar. Dürli iýmit önümlerinde ýokumly maddalaryň mukdary we şol önümler özleşdirilende, olardan emele gelýän energiýanyň möçberi 2-nji tablisada görkezilendir.

Çeşme: Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan taýýarlanan, 8-nji synplar üçin “Biologiýa” dersi boýunça okuw kitaby

Paýlaşyň: